Agrosenagat toplumynyň esasy maksady ýurduň ykdysadyýetiniň köpfunksiýaly bölegi (sektory) bolup, ol ýurdyň ilatyny ýokary hilli watanymyzda öndürilen iýmit bilen üpjün etmek, oba hojalyk iýmit önüminiň eksportyny artdyrmak, oba ilatynyň girdejisini artdyrmak üçin şertleri döretmek, obalaryň durnukly ösüşini üpjün etmekden ybarat bolup durýar.

Munuň starategiýasynda agrar bölegiň ösüşi iki düýp binýat (fundamental) faktorlaryň täsiri astynda bolup geçýänligi hasaba alynýar we olar:

1. Bazar mehanizmleriniň peýdalanylyşy, netijeli we bäsdeşlige ukyply önüm öndürijileriň emele gelişi;

2. Ýer işleri bilen baglanşykly bolan şeýle-de pudagyň innawasion ösüşi, kämilleşişi, önümçiligiň ekologiýasy, oba hojalyk önüm öndürijileriniň möhüm netijesi bolan girdejililiginiň artmagy, agroönümçilik bazarynyň sazlanylyşy we daşary ykdysady ösüş, oba ilatynyň sosial ýagdaýyny ýokarlandyrmak bilen bagly bolan birnäçe meselele toplumlaryny çözmek üçin döwlet agrar we agrotehnologiki syýasatynyň kämilleşişi ýaly meselelerden ybarat bolup durýar.

Ýurdyň funksiýalaşdyrylan agrosenagat toplumynyň starategiki maksadynyň hili hökmünde şu aşakdakylara öňünden seredýärler:

Ýurduň azyk howpsuzlygy Doktrinasyna görä ýurdyň içki bazaryny Watanymyzda öndürilen oba hojalyk önümleri bilen üpjün etmek, munuň üçin biziň ýurdumyzda oňaýly şertler bardyr, şeýle-de ýurduň hemme raýatlarynyň sagdyn durmuşyny üpjün ediji doly iýmit düzümli iýmitleri öndürilmek. Tebigy şertleri hasaba almak bilen biziň ýurdumyz dünýäde diňe bir däne däl, eýsäm beýleki oba hojalyk önümlerini öndürmekde hem bellidir. Şeýle-de oba ilatynyň oňaýly durmuş şertleri, ýaşaýyş jaý şertleri, kommunal hyzmatlary, girdejisiniň ýokary ölçegi, ýol-gatnaw şertleri, elýeterli saglygy goraýyş şertleri, milli medeniýeti, sport üçin şertler, bulardan başgada milletiň genofondynyň fiziki hem-de ruhy sagdynlygy üçin şertler döredilmeli; agrosenagat toplumynyň ösüşiniň innowasion modeline geçilip kämilleşmegi üçin, ylmyň we tehnikanyň häzirkizaman gazananlaryny çalt ornatmaly, bu bolsa zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga, önümiň öndürilişi üçin resurslaryň azalmasyna, milli we dünýä bazarynda önümiň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Önümiň bäsdeşlige ukyplylygyny we ýeterlik giň derejede önüm öndürmek üçin oba hojalyk önüm öndürijileriniň girdejililik derejesini üpjün etmeli. Agrosenagat önümçiliginiň ekologiýasy üçin oba hojalygynyň tebigy tapawudyny gowulandyrmaly, ýer gullugyny dikeltmeli, toprak resurslaryny ýerlikli peýdalanmaly, ekologiki taýdan howpsuz önüm öndürmeli. Bu maksat edilen ýagdaýlar starategiýanyň esasyny düzýär we uzakmöhletleýin häsiýeti özünde saklaýar. Bellenilen maksadyň

Все права защищены

çäreleriniň çözgüdi boýunça olar has takyklaşyp bilerler we täzeleri bilen üstleri hem dolup biler.

**Gadam KAZAKOW**
**Türkmen oba hojalyk instituty**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň mugallymy**

Все права защищены